# Hagaý pygamberiň kitaby

## Giriş

Haggaý pygamberiň kitaby biziň eýýamymyzdan öň 520-nji ýylynda Hudaý tarapyndan gelen gysga ylhamlaryň beýanatydyr. Ysraýyl halky babyl sürgünliginden dolanyp, eýýam birnäçe ýyl bäri Iýerusalimde ýaşaýar. Emma duşmanlaryň weýran eden ybadathanasy heniz-de haraba bolup ýatyr. Hudaýdan gelen ylhamlar halky ybadathanany dikeltmäge ruhlandyrýar. Özgerip, özüni päklän halka Reb gelejekde abadanlygy we parahatlygy wada berýär.

**Mazmuny**


Ybadathanany täzeden gurmaga çagyryş 1:1-15
Teselli we umyt baradaky habar 2:1-23


## 1-nji bap

### Reb halky ybadathanany täzeden gurmaga çagyrýar

1 Darýuş patyşanyň şalygynyň ikinji ýylynyň altynjy
aýynyň birinji güni Hagaý pygamberiň üsti bilen
Ýahudanyň häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyla we
Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa[1] Rebbiň sözi
geldi. 2 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Bu halk Rebbiň
öýüni täzeden gurmagyň entek wagty gelenok diýýär».
3 Onsoň Hagaý pygamberiň üsti bilen Rebbiň şu sözi
geldi: 4 «Bu öý haraba bolup ýatyrka, özüňiziň kaşaň
jaýlarda ýaşamagyňyzyň wagtymy? 5 Şonuň üçin indi
Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Öz ýaşan ýyllaryňyza
ser salyp pikir ediň. 6 Siz köp ekip, az hasyl alýarsyňyz,
iýip doýmaýarsyňyz, içip ganmaýarsyňyz, geýinýärsiňiz,
ýöne ýylynmaýarsyňyz, gazanjyňyz düýbi deşik pul torba
düşýär“». 7 Hökmürowan Reb şeýle diýýär: «Öz ýaşan
ýyllaryňyza ser salyp pikir ediň. 8 Daglyga gidiň-de,
agaç getiriň we Meniň öýümi guruň. Şonda Men hoşal
bolaryn, şöhratlanaryn, muny Reb diýýär. 9 Siz köp hasyla
garaşýardyňyz, ýöne ol hasyl az bolup çykdy. Ony öýe
getireniňizde, Men ony ýele sowurdym. Näme üçin?
Meniň öýümiň haraba öwrülip ýatany üçin! Men muny
siziň ähliňiziň diňe öz öýleriňiz bilen gümradygyňyz
üçin şeýle etdim. Muny Men — Hökmürowan Reb
aýdýandyryn. 10 Şonuň üçin-de asman ygaly, ýer hasyly
sizden gysganýar. 11 Şeýle hem Men ýurda we onuň
daglaryna, galla meýdanlaryna, üzümçiliklerine, zeýtun
baglaryna, ýerden önýän ähli önümlere, ynsandyr
haýwanlaryň üstüne, çekýän ähli zähmetiňiziň üstüne
gurakçylyk jezasyny inderdim».
12 Şeýaltiýeliň ogly Zerubabyl bilen Ýehosadagyň ogly
baş ruhany Ýeşuwa we halkyň aman galanlarynyň ählisi
Rebden gorkup, özleriniň Hudaýy Rebbiň sözüne we
Hagaý pygamberiň aýdanlaryna gulak asdylar. Çünki
Hagaý pygamberi Beýik Hudaý iberipdi. 13 Onsoň Rebbiň
wekili Hagaý Rebbiň şu habaryny halka ýetirdi. Ol:
«Reb: „Men siziň bilendirin“ aýdýandyr» diýdi. 14 Reb
Ýahudanyň häkimi Şeýaltiýeliň ogly Zerubabylyň,
Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwanyň we halkyň aman
galanlarynyň ählisiniň kalbyny oýardy. Onsoň olar gelip,
özleriniň Hudaýy Hökmürowan Rebbiň öýüni gurmaga
başladylar. 15 Bu waka patyşa Darýuşyň şalygynyň ikinji
ýylynyň altynjy aýynyň ýigrimi dördüne bolup geçdi.

[1]**1:1** ***Ýahudanyň häkimi Şeýaltyýeliň ogly Zerubabyla we Ýehosadagyň ogly baş ruhany Ýeşuwa*** — seret: Ezr 3:2; 5:1.